# Erkin şygyr sungaty

Category: Edebiýaty öwreniş,Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Erkin şygyr sungaty ERKIN ŞYGYR SUNGATY

«Gorkut ata» şadessanynyň şygyrlarynda dürli çeperçilik serişdelerine: ulaltma, kiçeltme, deňeşdirme, içki sazlaşyk we gaýrylardan ýerlikli peýdalanylypdyr. Eserdäki şygyrlar şu günki şygyr sungaty bilen deňeşdirilende içki golaýlygy görmek bolýar. Ýöne ony giçki orta asyr şygyr görnüşi bilen deňeşdireniňde uly tapawudyň bardygyny bellemek gerekdir. Sebäbi şygyr sungaty Gorkut atanyň döwründen biziň şu günlerimize çenli örän uly ösüş ýoluny geçipdir. Dürli şygyr görnüşleri, şekilleri emele gelipdir. Mysal üçin, orta asyrlarda we nusgawy edebiýatda şygryň gazal, müsemmet, mesnewi, rubagy, kytga, tuýug, goşuk ýaly görnüşleri ulanylypdyr. «Gorkut atadaky» şygyrlary şol görnüşleriň haýsydyr birine degişli edip bolmaýar.
«Gorkut atada» juda irki, gadymy şygyr görnüşi bar. eýýäm belli bir çeperçilik serişdeleri, belli bir görnüşi gutarnykly bolmasa-da kesgitli ösüş ýoluna düşüpdir. Ol entek ösüş ýolundaky şygyr sungaty. «Gorkut ata» şadessanynyň şygyrlaryny **ERKIN ŞYGYR SUNGATY** diýip atlandyrmak bolar. Çünki şygyr pikir joşgunyna tabyn edilipdir. Olarda bogun ölçegleri saklanmandyr. Hatda sazlaşyk hem belli bir kada tabyn däl. Setirleriň bogun sany deň däl. Her setiriň bogun sany 4 bogundan 15-16, hatda ýigrimi bogna çenli üýtgäp durýar:

Bäri gelgil, salyr begi, salyr görki – 12 bogun.
Başym bagty, öýüm tagty – 8 bogun.
Han atamyň giýewisi – 8 bogun.
Gaýyn enemiň söýgüsi – 8 bogun.
Atam, enem berdigi – 7 bogun.
Göz açyban gördügim – 7 bogun.
Köňül berip söwdügim – 7 bogun.
Beg ýigidim, gazap – 6 bogun.

Galkyban ýeriňden öri turduň – 10 bogun.
Ogluň bile ýaly gara kazylyk atyň mündüň – 15 bogun.

Görşümiz ýaly, bu goşgy setirlerindäki bogunlaryň sany dürli-dürli gömüşde gelýär. Kitabyň goşgularyndaky kapyýalaryň sazlaşygy-da erkin halda gelýär. Sebäbi her bent iki, dört, bäş ýa-da ondan köp setirden gelip, onda kesgitli bir düzgün saklanmaýar:

Ýigitlerim, ýeriňizden öri turuň,
Ak boz atymyň guýrugyny kesiň,
Är goramly ala dagdan dörüp aşyň,
Akgynly, görkli suwy dilip geçiň,
Gazanyň diwanyna çapyp baryň,
Ak çykaryp, gara geýiň,
«Sen sag bol, Birek öldi» diýiň.

Şadessandaky şygyrlarda bogun sazlaşygyna seredeniňde, toniki sazlaşyga köpräk orun berilýär. Käbir setirlerde sillabiki-toniki sazlaşygyň ikisem bile ulanylypdyr.
Umuman, «Gorkut atada» özboluşly, erkin, şahyrana şygyr sungaty bolup, ol eserdäki gahrymanlaryň ruhy dünýälerini açyp görkezmäge hyzmat edýär. Geljekde şadessany bezeýän, onuň gyzykly okalmagyna estetiki lezzet berýän, ömrüni uzaldýan şygyr sungaty düýpli ylmy derňew esasynda öwrenilmelidir.

*© Araznepes Mämmetjumaýew, Akmyrat Täjimow. Gadymy türkmen edebiýaty. Ýokary okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011. 121-122-nji sahypasy.*

*<u>“Werlibr” usulynda, ýagny erkin şygyr formasynda goşgy düzmek hakda, şu saýtda şu aşakdaky çeşmelerde-de durlup geçilýär:</u>*

1. http://kitapcy.com/news/turkmen_sygryyeti_turkmen_ruhy_1_elkyssa_ bissimillasy/2018-08-09-1858;
2. http://kitapcy.com/news/durmus_nobatguly_daldir_gowherim_1_uly

_ gurrune_kici_giris/2018-11-29-3685;
3.
http://kitapcy.com/news/sygyryn_dusundirip_bolmayan_mygyry/2019-01-15-4654;
4.
http://kitapcy.com/news/g_ezizow_we_n_rejebow_turkmen_liriki_sygryyetine_nahili_tazelikleri_getirdi/2020-05-09-1813.
Edebiýaty öwreniş